**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ**
**K A R A R Y**

«23» oktýabr 2020 ý. № 1970 Aşgabat ş.

110.010.010
010.140.060

## Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara toparyny döretmek hakynda

(Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2020 ý., № 10, 1666-njy madda)

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça ýurdumyz bilen halkara guramalarynyň arasynda alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek hem-de bu ugurda gol çekilen we tassyklanan Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň talaplaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini guramak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara toparyny döretmeli.

2. Şulary tassyklamaly (goşulýar):

1) Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara toparynyň düzümini;

2) Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara topary hakyndaky Düzgünnamany.

3. «BMG-niň daş-töwerek baradaky Konwensiýalary we maksatnamalary boýunça Türkmenistanyň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek baradaky döwlet toparynyň düzümini tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 29-njy dekabrynda çykaran 9341-nji kararyny (Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň 2007-nji ýyldaky 12-nji ýygyndysynyň 923-nji maddasy) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli.

4. Şu kararyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň degişli Orunbasarlary, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri gözegçilik etmeli.

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2020-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda
çykaran 1970-nji karary bilen
tassyklandy

## Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara toparynyň DÜZÜMI

Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministri (Pudagara toparynyň başlygy)

Türkmenistanyň Mejlisiniň Daşky gurşawy goramak, tebigatdan peýdalanmak we agrosenagat toplumy baradaky komitetiniň başlygy

Türkmenistanyň Daşary işler ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Adalat ministriniň orunbasary

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň orunbasary

Türkmenistany Bilim ministriniň orunbasary
Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary
Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň orunbasary
Hazar deňzi institutynyň direktory
Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Halkara ekologiýa hyzmatdaşlygy we taslamalary utgaşdyryjy müdirliginiň başlygy (Pudagara toparynyň jogapkär kätibi)

Türkmenistanyň Prezidentiniň
2020-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda
çykaran 1970-nji karary bilen
tassyklandy

**Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara topary hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

1. Daşky gurşawy goramak meseleleri boýunça Pudagara topary (mundan beýläk - Pudagara topary) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, şeýle hem bellenen tertipde tassyklanan daşky gurşawy goramak bilen bagly Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň talaplaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek babatda häkimlikleriň, geňeşleriň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak, şeýle hem halkara ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek maksady bilen döredildi.

2. Pudagara topary öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalaryny, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini we şu Düzgünnamany goldanýar.

3. Pudagara toparynyň esasy wezipeleri:

1) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, şeýle hem bellenen tertipde tassyklanan daşky gurşawy goramak bilen bagly Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň talaplarynyň öz wagtynda durmuşa geçirilmegini üpjün etmek;

2) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, şeýle hem bellenen tertipde tassyklanan daşky gurşawy goramak bilen bagly Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň talaplaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek babatda häkimlikleriň, geňeşleriň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrmak;

3) halkara ekologiýa syýasatyny durmuşa geçirmek bolup durýar.

4. Pudagara topary öz üstüne ýüklenen wezipelere laýyklykda şu işleri amala aşyrýar:

1) daşky gurşawy goramak boýunça konwensiýalara, maksatnamalara we teswirnamalara gatnaşyjy taraplaryň konferensiýalarynyň mejlislerinde hem-de daşky gurşawy goramak we tebigatdan rejeli peýdalanmak bilen baglanyşykly beýleki halkara we sebitleýin maslahatlarda Türkmenistanyň garaýşyny kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlaýar;

2) daşky gurşawy goramak boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň çäklerinde häkimlikleriň, geňeşleriň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işini utgaşdyrýar;

3) daşky gurşawy goramak boýunça konwensiýalaryň, maksatnamalaryň we teswirnamalaryň düzgünleriniň talaplaryny durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistanyň borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly Türkmenistanyň milli hasabatlarynyň taýýarlanmagyny guraýar;

4) daşky gurşawy goramak boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň ýörelgelerine laýyklykda daşky gurşawy goramak boýunça meýilnamalaryň, strategiýalaryň we herketleriň milli maksatnamalaryny taýýarlamaga gatnaşýar;

5) tebigatdan peýdalanmak we daşky gurşawy goramak boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamaga gatnaşýar.

6. Pudagara toparynyň aşakdakylara hukugy bardyr:

1) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, şeýle hem bellenen tertipde tassyklanan daşky gurşawy goramak bilen bagly Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň her biri boýunça Türkmenistanyň milli utgaşdyryjylaryny bellemäge;

2) Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan gol çekilen, şeýle hem bellenen tertipde tassyklanan daşky gurşawy goramak bilen bagly Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünleriniň talaplarynyň durmuşa geçirilmegi üçin zerur bolan maglumatlary häkimliklerden, geňeşlerden we jemgyýetçilik birleşiklerinden sorap almaga;

3) zerur halatlarda daşky gurşawy goramak boýunça Türkmenistanyň halkara şertnamalary boýunça Türkmenistanyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly işleri guramak maksady bilen, alymlary, häkimlikleriň, geňeşleriň we jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerini, şeýle hem daşky gurşawy goramagyň dürli ugurlary boýunça halkara guramalary bilen bilelikde ýerine ýetirilýän taslamalaryň işgärlerini çekmäge;

4) öz ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça häkimlikler, geňeşler we jemgyýetçilik birleşikleri, guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan, beýleki kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ählisi tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan çözgütleri kabul etmäge.

6. Pudagara toparynyň mejlisleri Teswirnama arkaly resmileşdirilýär we zerurlyga görä, ýöne azyndan alty aýda bir gezek geçirilýär.

7. Pudagara toparynyň çözgütleri ara alyp maslahatlaşmalaryň netijesinde kabul edilýär we Pudagara toparynyň mejlisleriniň Teswirnamasynda görkezilýär.